# Siriýa ýalanlary we howply sözler

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Siriýa ýalanlary we howply sözler SIRIÝA ÝALANLARY we HOWPLY SÖZLER…




Söýgüli okyjylarym, häzir nobat Siriýa geldi we her öňýeten endam-janyna siňip giden ýalan-ýaşryklary gusmak bilen başagaý. Aklyňa-huşuňa sygdyrar ýaly däl…
Berekella, biziň häkimiýetiň tarapynda çykyş edýän mediýamyz-da bu ýalan-ýaşryklary her gün bişirip-gowrup öňümize çykarýar we bize-de sessiz syn edip duraýmak galýar.
Kellesiniň ýeterlik şygyrdysy ýok, bolup-geçýänleri ýeterlik derejede seljermäge mümkinçiligi ýok millionlarça raýatymyz-da şeýle ýalanlara islese-islemese ynanmaga mejbur bolýar.
Biz bu işiň astynda ezildik.

Ýalňyşmagy dileg edýärin, ýöne mundanam has beter eziljege meňzeýäris.
Häkimiýet mediýasy şonuň üçin her dürli ýalan-ýaşryk toslamalara ýüz urýar.
Olaryň iki uly ýalan kampaniýasy-da Türkiýä ýerleşen siriýalylar bilen baglanyşykly! Bularyň sany resmi statistikanyň maglumatlarynda üç milliona ýetendigi aýdylýar. Bular diňe hasaba alynany. Birem hasaba alynmadyklar bar, diňe siriýalylara ser salanymyzda bu görkeziji azyndan bäş milliona ýetýär.
Indem biziň häkimiýet mediýamyz zol şowhun turuzýar: «Siriýalylar indi watanlaryna dolanmaga başlady. Gümrük nokadynda uzyn-uzyn nobatlar emele geldi!..»
Hem wideokamera alnyşyklar gije-gündiziň dowamynda 24 sagatlap dowam edýär…
Elleri deprekli we deň-duşlary bilen birlikde geçmek üçin nobatyna garaşyp duran bosgunlar. Biziň teleýaýlymlarymyzam olara wideokamerasyny aýlaýar…
Hemmesi-de diýseň şatlykly ýagdaýda! Watanlaryny küýsäpdirler we şonuň üçin gaýdyp barýarlar!
Ýörite gurnalyp çekilýän bu sahnalarda-da azyndan 50-60 adam bar. Hemmesi-de Türkiýä minnetdarlyk bildirýär, käbirleri-de Erdogany öwüp arşa çykarýar!
Häkimiýet mediýasynyň patarrakylaryna ynanan ýagdaýyňyzda gaýdyp barmak üçin eýýämden köpçülikleýin göçe-göçlükler başlanmyş!
Hemmesi ýalan. Käbirleri elbetde gaýdyp barýar, ýöne ýagdaý aýdyşlary ýaly däl.
Içeri işler ministri birküç gün öň statistiki maglumatlary mälim etdi. Siriýa bilen aramyzdaky ýeke-täk geçelge bolan Jilwegözünden günden ortaça 1.500 adam aňry tarapa geçýän eken…
Bu geçişleriň jemi Esadyň gaçan gününden bäri, aýdaly, 15 müň boldy. San barha azalýar.
Häzir kiçijik arifmetiki deňeşdirme geçireliň. Aýdaly, bu geçişler belli bir wagtdan soň iň gowy ähtimallykda 100 müňe ýetenmiş. Üç million bosgun nirede, ýurduna gaýdyp baran 100 müň adam nirede? Dag bilen deňiz ýaly tapawudy bar! Düýşlerinde arzuw edýärlermi nämemi…
Häkimiýet mediýasy, aýratynam teleýaýlymlary we gazetleri hemmämize ýalan sözleýär. Ol adamlaryň köpüsi ýurtlarynda ýok

wagtlary nämeleriñ bolup geçendigini alada edýär. Öýleri, mellekleri ýerinde durmy ýa özgeleriñ eline geçipdirmi… Täze iş mümkinçiligini tapmak mümkinmi… Ýagny gaty köpüsu täze Türkiýe başdan geçirmelerini dowam etdirmeli bolar. Netije entek belli däl. Emma häkimiýet mediýasynyñ aýdyşy ýaly köpçülikleýin göçe-göçlükler ýok.
Söýgüli okyjylarym, häkimiýet mediýasynyñ ýene bir ýalanyna geçen hepdäniñ şenbe gününiñ agşamy şaýatlyk etdik. Öýde «CNN Türk» kanalyny görüp otyrdym. Kanal «Taýýipgiller» häkimiýetiniñ seslerinden biri.
Wideogörnüşli habarlaryñ birini öwran-öwran berdiler: «Şamda Esad režiminiñ köpçülikleýin mazary tapyldy!»
Ýeri, nämä ýaraýarmyş o taýy? Esada garşy çykan oppozisionerler şol ýerik gömüljekmiş.
Wideogörnüşlerde hakykatdanam gazylyp goýlan uly mazar çukurlary bar. Depe saçyñy düýrükdirýän wideogörnüşler. Emma hakykat belli bir zatdan soñ howadan dron bilen düşürilen wideogörnüşlerde ýüze çykýar. Ol ýeri Şamyñ iñ uly şäher gonamçylygy bolsa näme… Ýoly açylan ugurda ýüzlerçe doly mazar bar. Gonamçylykda ýoly birikdirilen çukurlar gazylypdyr. Esada eýledir-beýledir diýip bilersiñiz, halarsyñyz ýa-da halamarsyñyz. Ony her kimiñ özi bilýär. Emma sen şäheriñ göbeginde ulanylan ýa-da merhumlary jaýlamak üçin gazylan ýüzlerçe mazary teleýaýlymyñda görkezýäñ… Nämemiş, Esadyñ taýynlap goýduran köpçülikleýin mazarlarymyş!..
Režime garşy çykan oppozisionerler ine şu ýerik gömüljekmiş. Düýbünden ýalan gürrüñ!
Şular ýaly siriýa ýalanlary biziñ mediýamyzda biri-biriniñ yzyndan köpçüligiñ dykgatyna ýetirildigiçe kelleler bulaşýar we başga soraglar ýüze çykýar:
Şamdaky hapysalykdan we gözgynylykdan doly «Sednaýa» türmesi» wakasynyñ añyrsynda näme barka?
Aradan birnäçe gün geçdi, heniz-ä jesediñ üstünden barylmady. Üstesine biziñ AFAD guramasynyñ işgärlerini-de jesetler gözlensin diýip, düýn Şama ugratdylar. Häkimiýetiñ ýene bir siriýa ýalanymy?
* * *

Söýgüli okyjylarym, Rejep Taýýip Türkiýe respublikasyny gümanada goýjak howply sözleri aýdýar. Bu sözler türk halkyna mediýa arkaly ýetirilýär. Ony öz ýakyn adamlarynyñ ýanynda

aýdan bolsa dert edinibem durmazdyk, emma bulary bütin dünýä eşidýär.
Hiç şübhäñiz bolmasyn, wagty gelende onuñ bu aýdan sözlerini halkara arenada garşymyza çykararlar. Şeýdibem Türkiýe kyn ýagdaýa düşer.
Size birküç gün öñ TÜBİTAK baýrak gowşuryş dabarazynda kürsýde aýdan sözlerinden birnäçe mysal bereýin…
Ol Siriýa barada çykyş edipdi: «Türkiýe Türkiýeden uludyr…»
Men-ä munuñ manysyna düşünmedim. Her niçik-de bolsa, pikir edilişinden has uly we möhüm ýurtdugymyzy aýtjak bolýar öýdýän.
«Territoriýamyzy 782 km² bilen çäklendirip bilmeris…»
Bu sözlerden ýeke many çykýar: Territoriýamyzy ulaldarys!
Ýeri, ulalañda nädip ulalmaly? Başga ýurtlardan ýer basyp almak bilen! Munuñ başga ýoly barmy näme…
Birküç hepde mundan öñe çenli zol nutuk atyp, Siriýa bilen birlikde ähli goñşularymyzyñ territorial bitewiligine hormat goýýandygymyzy aýdýardy. Indem şu nukdaýnazardan seredilende, biziñ nukdaýnazarymyzdan ortada duran diñe araçäk goñşymyz bolan iki ýurt bar. Suriýa we Yrak!
Yraga giribä ýer basyp alyp biljegi o diýen mümkin däl. Emma Siriýanyñ ýagdaýy biraz tapawutly.
Birnäçe tutaryklar bilen Siriýa duýdansyz girip biler. Şonsuzam ýakyn geljekde ol ýerde nämeleriñ bolup geçjegini bilýän ýok. Diñe çak etmeler bar, her kelleden bir ses çykýar. Mysal üçin, graždanlyk urşy turar, gan sil bolup akar. Ara ABŞ girer, Russiýa we Ysraýyl girer.
Rejep Taýýip ine şu ähtimallyklaryñ üstünde gürleýän bolsa gerek. Hem şol sebäpdenem çäklerimizi giñeltmegiñ gürrüñini edýär. Howply oýunlara baş goşýandygyny bilýärmikä beri?
Orta Gündogar çybyn-çirkeýiñ mesgeni, lüýk batgalyk… Ol ýer adamlary we hökümetleri ýuwdup, artbujagyndan kepek edip çykarýan stanok. Ýüzlerçe ýyllap şu aýratynlygyny saklap geldi we häzirem şeýle bolmagynda galýar. Elini uzadan golsuz galýar.
Ol hapa batgalykdan şindize çenli nijeme şeýhler, patyşalar, prezidentler, diktatorlar, Saddamlar, Esadlar çykdy, ýöne

Türkiýäni şumatky hökümetden öň dolandyranlaryň biri-de şu hapalyklara hiç wagtam bulaşmady. Çünki olar hakyky döwlet işgäridi.
Rejep Taýýop häzir km² ýer almak hasabyndan ýola çykýar, muny gerek bolsa häzirki 782 müň km² bilen oňmajakdygymyzy aýdýar.
Ýeri, beýle bolanda näme etmeli? Başga ýurtlaryň çägine girip, ol ýerleri basyp almalymy?
Bu sözler diýseň howply we öňümizde başymyzda dert barsyny getirip biler.
Halk hökmünde biziň boýnumyza taryhyň ýüklän missiýasynyň gürrüňini edýär we şeýle diýýär: «Türkiýe takdyryndan gaçyp bilmez. Bu mübärek ýolda jogapkärçiliklerini berjaý etmelidir. Taryhyň biziň boýnumyza ýüklän bu missiýasyny kabul etmeli».
Söýgüli okyjylarym, bolany-geçeni we Rejep Taýýibiň häzirki äşgär eden pyglyny ýokarda sitata getiren sözlerinden bilýäris…
Yrak hakda pylan diýip biljek däl, ýöne bular türk goşunyny iru-giç Siriýa salyp ýer basyp almaga girişerler we başymyza bela getirerler. Ol ýerde belki-de bize bagly birnäçe hökümetler gurlar. Belki-de Ysraýyl bilen dikleşmeli bolarys.
Bu çaklamalary degişme bolsun diýip aýdamok, çaga oýunjagy-da däl.
Sen birnäçe günläp Siriýanyň garaşsyzlygyna we territorial bitewiligine hormat goýýandygyňy gygyrýaň… Soňam yzyndan baýrak gowşuryş dabarasynda çykyp gepläp, çäklerimizi giňeltmegiň gürrüňini edýäň.
Biz indi seniň haýsy sözüňe ynanmaly?
Döwlet işgäri diýeniň şular ýaly bolýarmyka ýa?

Emin ÇÖLAŞAN.

«SÖZCÜ» gazeti, 20.12.2024 ý. Publisistika